TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZDA AMALA AŞYRYLÝAN IRI MÖÇBERLI DÖWLET MAKSATNAMALARY HALKYMYZYŇ BAGTYÝAR DURMUŞDA, BOLELINLIKDE ÝAŞAMAGYNA, ÝURDUMYZYŇ MILLI YKDYSADYÝETINIŇ, ÖNÜMÇILIGINIŇ ÇALT WE DURNUKLY ÖSMEGINE AMATLY ŞERTLERI DÖREDÝÄR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
16-njy fewral, 2024. Belgisi 7/1573




# ÖZARA BÄHBITLI, KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

***13-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Leonardo S.p.A.» italýan kompaniýasynyň ýolbaşçysy Stefano Pontekorwony kabul etdi.***

Işewür wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Italiýanyň işewür toparlarynyň oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan döredijilikli syýasaty durmuşa geçirýän hem-de dürli pudaklarda giň gerimli özgertmeler maksatnamalaryny, taslamalaryny amala aşyrýan Türkmenistan bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini belledi. Şunda Italiýa Respublikasynyň Prezidenti Serjio Mattarellanyň we ýurduň ýolbaşçylarynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ilerledilmegine uly ähmiýet berýändikleri nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, «Leonardo S.p.A.» kompaniýasynyň Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga taýýardygy tassyklanyldy.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Italiýanyň Ýewropada Türkmenistanyň möhüm hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Özara düşünişmek we hormat goýmak ýörelgeleri esasynda guralýan däp bolan dostlukly döwletara gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär. Döwlet Baştutanymyz şular barada aýtmak bilen, «Leonardo S.p.A.» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň Aşgabada şu gezekki saparynyň barşynda meýilleşdirilen ikitaraplaýyn gepleşikleriň netijeli işewürlik hyzmatdaşlygyny giňeltmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasat ugruny durmuşa geçirýän Türkmenistanyň we Italiýa Respublikasynyň ikitaraplaýyn, şeýle hem köptaraplaýyn esasda, abraýly halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň, onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändikleri nygtaldy. Italiýanyň ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy, abadançylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryny goldaýandygy munuň aýdyň beýanydyr.

Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak bilen baglylykda, Türkmenistanyň we Italiýanyň kompaniýalarynyň arasynda söwda-ykdysady, energetika ulgamlarynda we beýleki pudaklarda, aýratynda, hususy bölekde ýola goýlan netijeli gatnaşyklaryň döwletara dialogy pugtalandyrmakda möhüm orun eýeleýändigi bellenildi. Soňky ýyllarda köpugurly mümkinçiliklere eýe bolan hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi toplandy.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge uly gyzyklanma bildirilýändigi beýan edildi. Munuň üçin ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasiýalary işjeň ornaşdyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn özgertmeler bilen şertlendirilen uly mümkinçilikler bar. Şeýle hem duşuşygyň barşynda emeli hemra ulgamynda hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine garaldy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň öz tarapyndan «Leonardo S.p.A.» kompaniýasynyň anyk tekliplerine garamaga taýýardygy tassyklanyldy.

Işewür döwlet Baştutanymyza hyzmatdaşlygyň derwaýys meseleleri boýunça geçirilen netijeli duşuşyk üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, italiýaly hyzmatdaşlaryň öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmäge örän jogapkärli çemeleşjekdiklerini nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we «Leonardo S.p.A.» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Stefano Pontekorwo Türkmenistanyň we meşhur italýan kompaniýasynyň işewür gatnaşyklary uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik esasynda mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardyklaryny tassykladylar.

## Oba hojalygyndaky düýpli özgertmeler

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmek babatdaky taýsyz tagallalarynyň netijesinde, ene toprakdan bol hasyl almak üçin döredilýän mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanmaga giň mümkinçilikler döredilýär. Oba hojalygy milli ykdysadyýetimiziň möhüm pudaklarynyň biridir. Ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijilerine hemmetaraplaýyn goldaw bermegi ugur edinýän oýlanyşykly strategiýa bu toplumyň okgunly ösmegini şertlendirýär. Şunda oba hojalygynyň düzümleýin döwrebaplaşdyrylmagyny üpjün etmek, pudagyň düşewüntliligini artdyrmak, oba ýerlerinde täze ykdysady gatnaşyklary kemala getirmek, dürli hojalyk düzümleriniň arasynda bäsdeşlige ukyply gurşawy döretmek, ýer-suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, daşky gurşawy goramak, oba hojalyk ylmyny hem-de seçgiçiligi ösdürmek, innowasiýalary, iň täze ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary, dolandyryşyň, bazar gatnaşyklarynyň öňdebaryjy usullaryny giňden ornaşdyrmak, oba ýerlerinde durmuş meselelerini netijeli çözmek esasy ugurlaryň hatarynda durýar.



3

## Magtymguly Pyragy – umumadamzat şahyry

Magtymguly Pyragy – dünýäniň akyldary, umumadamzat şahyry. Akyldar şahyryň belent joşguna, çuň ylhama ýugrulan şygyrlary bilen diňe bir türkmen alymlary däl, eýsem, daşary ýurtly alymlar hem köpden bäri gyzyklanyp gelýärler. 9-njy fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda ýurdumyzda we onuň çäklerinden daşarda şahyryň gymmatly edebi mirasyny öwrenmek hem-de dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek maksady bilen toplumlaýyn işleriň alnyp barylýandygyny belläp geçdi we «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bu işleri mynasyp dowam etdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdi. Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň baý we gymmatly edebi mirasyny öwrenmekde, aýawly saklamakda hem-de wagyz etmekde uly hyzmatlary bitiren raýatlar bu medal bilen sylaglanar.



3

## Ykdysady görkezijiler – durnukly ösüşiň binýady



Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde Türkmenistanyň ykdysadyýeti durnukly we depginli ösýär. Bu bolsa ýokary maýa goýum işjeňligi, içerki we daşarky islegiň artmagy, telekeçiligiň ösdürilmegi, ilatyň girdejilerini artdyrmak boýunça görülýän toplumlaýyn çäreler bilen baglanyşyklydyr.

2023-nji ýylda ýurdumyzda gazanylan makroykdysady görkezijiler barada 9-njy fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde beýan edildi. Bellenilişi ýaly, toplumlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde, jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edilip, ol 6,3 göterim artdy.

2

# ÝYLYŇ IŇ GOWY ETRABY

*Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etraby geçen 2023-nji ýylyň jemleri boýunça ýurdumyzyň etraplarynyň we etrap hukukly şäherleriniň arasynda durmuş-ykdysady hem-de medeni taýdan ähli görkezijiler babatda iň ýokary netijeleri gazanyp, ýeňiji bolan etrap hökmünde yglan edildi. Ýakynda ýurdumyzyň iň gowy etrabyna, ýeňijä – ABŞ-nyň 1 million dollaryny gowşurmak dabarasy boldy.*

Hormatly Prezidentimiziň etrabyň ilatyna iberen Gutlagynda belleýşi ýaly, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etraby ýurdumyzyň göreldeli, nusgalyk etraplarynyň biridir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmegiň çäginde, şeýle-de Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararlaryna laýyklykda, 2023-nji ýylda etrapda guwandyryjy işler alnyp baryldy. Ildeşlerimiziň ýüzlerçesi täze gurlup ulanmaga berlen ýaşaýyş jaýlaryna göçüp bardylar. Şöhrata beslenen ýylyň ýazynda Halkara zenanlar gününe gabatlanyp, etrabyň Magtymguly adyndaky geňeşliginiň çäginde döredilen «Garaşsyzlyk» ýaşaýyş jaý toplumynda 4 gatly, her biri 48 öýli ýaşaýyş jaýlarynyň birbada üçüsi, şeýle-de 4 gatly, 40 öýli ýaşaýyş jaýy toý ruhunda ulanmaga berildi. Şol şanly günlerdäki waka etrabyň ýaşaýjylarynyň 180-den gowragyna ýokary amatlykly öýleri özünde jemleýän jaýlara göçüp barmaga mümkinçilik aldy.





Etrabyň bilim-terbiýeçilik, medeniýet, saglygy goraýyş edaralarynda, sport ulgamynda hem tamamlanan ýylda netijeli işler alnyp baryldy. Etrapda orta mekdepleriň 46-sy, çagalar baglarynyň 21-si bolup, olarda hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýaş nesle berilýän bilim-terbiýäniň hilini has-da ýokarlandyrmak ugrunda bilim işgärleriniň öňünde goýan wezipelerinden ugur alnyp ýerine ýetirilen işler oňyn netijelerini berdi.

Ak bugdaý etraby dünýä taryhynda örän seýrek duş gelýän irki ekerançylyk medeniýetiniň dörän ýeridir. Bu sebitde zähmetkeş ata-babalarymyz tarapyndan ak bugdaý, arpa, köp sanly gök-bakja ekinleri, miweli baglar ýetişdirilipdir. Änewde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, irki döwürlerde ösdürilip ýetişdirilen ak bugdaýyň däneleriniň tapylmagy türkmen halkynyň gadymy döwürde daýhançylykda uly üstünliklere ýetendigini görkezýär. Etrabyň çäginde gurlup, dürli oba hojalyk önümleri ýetişdirilýän ýyladyşhanalar, maldarçylyk toplumy, azyk önümleri kärhanalary, senagat we energetika desgalary, «Türkmeniň ak öýi» binasy, «Bagabat» şypahanasy ilaty iş orunlary hem-de ýokary ýaşaýyş-durmuş şertleri bilen üpjün etmekde möhüm orny eýeleýär.

2



### Bir günde dokuz ýurda syýahat etdi

Latwiýaly Krişýanis Ratiniks Italiýa, Şweýsariýa, Lihtenşteýn, Awstriýa, Germaniýa, Fransiýa, Lýuksemburg, Belgiýa we Niderlandlar ýaly ýurtlaryň ýollaryny 24 sagatda welosipedli geçip, dünýä rekordyny täzeledi.

4



### Dünýäniň meşhur 7 tagamy

Islendik tagam dörän ýeri bilen baglanyşykly bolsa-da, beýleki halklara dürlüçe usullarda ýaýraýar. Ilki ýönekeý usulda taýýarlanan tagamlar ýyllaryň dowamynda kämilleşdirilip, meşhurlyk derejesine ýetirilýär.

5



### Aziýada-da, Afrikada-da ýer eýeleri çempion boldy

Bir aýa golaý wagtlap dowam eden Aziýanyň hem-de Afrikanyň futbol çempionatlary tamamlandy. Taryhy wakalara baý bolan çempionatlaryň ikisinde hem ýer eýeleri çempionlyk gazanmagy başardy.

7



### Soňky 5 ýylda 3-nji çempionlyk

ABŞ-nyň iň uly sport çäreleriniň biri hasaplanýan NFL-iň çempionlyk oýny bolan «Super Bowl» duşuşygy geçirildi. Las Wegasda geçirilen finalda «Kanzas Siti Çifs» bilen «San Fransisko 49ers» toparlary duşuşdy.

8

# ARKADAG ŞÄHERI – BAGTYŇ ŞÄHERI

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen iň täze sanly tehnologiýalary özünde jemleýän döwrebap Arkadag şäheriniň gurulmagy ýurdumyzyň ösüşiniň ýene bir görkezijisine öwrüldi. Geçen ýyl Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň gurlup ulanylmaga berilmegi, bu şäheriň ýaşlaryň şäheri hökmünde ykrar edilmegi döwletli döwranymyzyň buýsançly wakalary hökmünde täze taryhymyza altyn harplar bilen ýazyldy.

Arkadag şäheriniň esasy binalarynyň hatarynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň, Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebiniň, çagalar baglarynyň hem-de umumybilim berýän orta mekdepleriň, lukmançylyk edaralarynyň, sport toplumlarynyň möhüm orun eýeleýändigini bellemek ýakymly. Täze şäherde Döwletmämmet Azady adyndaky şäher kitaphanasynyň, Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň, Sahy Jepbarow adyndaky ýörite sungat mekdebiniň, Şükür bagşy adyndaky çagalar sungat mekdebiniň, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň, Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatrynyň binalary hem-de medeniýet we sungat işgärleri üçin ýaşaýyş jaýlary guruldy.

Häzirki zamanyň ösen we amatly şäher hökmünde ykrar edilen Arkadag şäheriniň nurana ýollary ýurdumyzda bagtyýar durmuşyň dowamata atarylýandygynyň mysaly hökmünde abadançylyk we amatlylyk babatda tapawutlanýar. Şunda edara we durmuş maksatly desgalaryň has oňaýly ýaşaýyş jaýlarynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, banklaryň şahamçalarynyň we beýleki döwrebap desgalaryň binagärlik keşbi bu ýeriniň ajaýyp tebigy gözellikleri bilen bitewi sazlaşygy emele getirýär. Şeýle hem Arkadag şäherinde halkara ülňülerine laýyk gelýän köpşahaly ýol-ulag düzüminiň bardygyny bellemek gerek. Giň şaýollar, köçeler we halkalaýyn çatryklar häzirki zaman ýşyklandyryş, wideogözegçilik we dolandyryş ulgamlary bilen üpjün edildi.

Täze, häzirki zaman awtobuslary we taksileri Arkadag şäheriniň ýaşaýjylary hem-de myhmanlary üçin ýokary hilli, medeniýetli hyzmaty üpjün edýärler. «Akylly jaý» tehnologiýalary ulanylyp gurlan döwrebap 5, 7 we 9 gatly, köp



öýli ýaşaýyş jaýlary we 2 gatly kottejler Arkadag şäheriniň aýratynlygydyr. Munuň özi öýi dolandyrmagyň intellektual ulgamydyr. Arkadag şäherinde bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirligi döredildi, Köpugurly sport toplumy we Sport merkezi, 10 müň orunlyk stadion guruldy.

Arkadag şäheriniň taslamalary işlenip taýýarlanylanda we desgalaryň gurluşygynda ýaş nesli terbiýelemäge, olara bilim bermäge we sazlaşykly ösmegine degişli meselelere aýratyn üns berlendigini bellemek gerek.

Häzirki wagtda bu ajaýyp şäheriň 2-nji tapgyryny gurmak işleri dowam etdirilýär. Ikinji tapgyrda döwrebap lukmançylyk klasterini döretmek ugrunda tagalla edilýär. Bu ugurda GFR-iň «Goetzpartners Emerging Markets GmbH» kompaniýasynyň seçilip alynmagy uzak ýyllaryň dowamynda üstünlikli ösdürilýän, hususan-da saglygy goraýyş ulgamyndaky türkmen-german hyzmatdaşlygynyň has-da pugtalanýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Türkmen-german hyzmatdaşlygynyň çäklerinde häzirki zamanyň nusgalyk şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän önümçilik toplumlarynda döwrebap önümler öndüriler. Arkadag şäherinde dörediljek halkara derejedäki lukmançylyk klasteri diňe bir içerki bazar üçin däl, eýsem, eksport üçin hem dürli görnüşli lukmançylyk önümlerini öndürmäge niýetlenendir. Ýerli çig mal serişdeleriniň ulanylmagy önümiň ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa bolmagyna, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pugtalandyrylmagyna ýardam berer. Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda işlenip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde soňky ýyllarda bu ulgamda dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan bejeriş edaralary guruldy, ýokary derejeli hünärmenler taýýarlanyldy, ilata hödürlenýän lukmançylyk hyzmatlarynyň görnüşleri giňeldildi, hili ep-esli ýokarlandyryldy. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berilmegi esasynda Germaniýa Federatiw Respublikasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk has-da giňeldilýär. Mälim bolşy ýaly, Germaniýanyň lukmançylyk maksatly iri kompaniýalary Türkmenistanda üstünlikli iş alyp barýarlar. Şonuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň lukmançylyk edaralarynyň aglabasy german kompaniýalarynyň enjamlary bilen üpjün edilendir. Bu bolsa, saglygy goraýyş ulgamynda türkmen-german hyzmatdaşlygynyň uzak möhletleýin ýola goýlandygyna, özara tejribe alyşmak meselelerine aýratyn ähmiýet berilýändigine şaýatlyk edýär.

**Täzegül ANNANEPESOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# ÝAŞLAR SYÝASATYNYŇ GYMMATLY ESERI

Berkarar Watanymyzda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň mümkinçiliklerini ösdürmek, bu ulgamda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça toplumlaýyn işleriň durmuşa geçirilýän döwründe döwlet Baştutanymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitabyny sowgat etmegi her birimiziň watançylyk ruhumyzy belende göterdi, täze-täze üstünliklere, döredijilikli zähmete hyjuw döretdi. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlar hakyndaky aladalary, olara bolan belent ynamy we söýgüsi täze kitabynda öz beýanyny tapýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gymmatly kitabynda: «Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys. Belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys» diýen jümle bar. Bu çuňňur manyly jümlede ýaşlara bolan ynam, buýsanç äşgär duýulýar. Kitapda ýaş nesliň wekilleriniň durmuşymyzda we jemgyýetimizde tutýan ornuna mynasyp baha berilmegi eseriň täsirliligini we ähmiýetini has-da ýokarlandyrýar. Kitabyň hormatly Prezidentimiziň halka, Watana bolan belent söýgüsinden başlanýandygyny aýratyn bellemelidiris. Hormatly Prezidentimiz kitabynyň başynda: «Watana söýgi – halka söýgi. Bu ýöne bir döräýen jümle däl. Watanyň öý-ojakdygyny, ýaşaýan, okaýan, işleýän ýeriňdäki adamlardygyny durmuşyň özi görkezýär» diýip belleýär. Täze kitap, aýratyn hem, türkmen ýaşlaryny diýseň buýsandyrdy. Sebäbi onda ýurdumyzyň ýaşlarynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ähli ugurlarda ýeten sepgitleri, gazanan üstünlikleri täsirli beýan edilýär. Ajaýyp kitapda türkmenistanly ýaşlaryň yzygiderli aladadyr goldawyň netijesinde, ýurduň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda öňdebaryjy orunlara ynamly çykýandygy anyk maglumatlar esasynda beýan edilýär. Ýaşlaryň geçen ýylda bilimde, ylymda, sportda, saglygy goraýyşda, halk hojalygy pudaklarynda we döwlet durmuşynyň beýleki ugurlarynda gazanan döwlet we halkara derejelerindäki üstünlikleri şol maglumatlaryň hatarynda orun alýar. Bagtyýar türkmen ýaşlary üçin ýol-ýörelge boljak, baý mazmunly bu kitaby okadygyňça,



halkymyzyň kitaba bolan belent söýgi-sarpasynyň örän ýerliklidigine, kitap okamagyň ähli döwürlerde-de ruhy zerurlyk bolup durýandygyna hem-de ynsan üçin iň ajaýyp sowgadyň gowy kitaplardygyna bolan ynamyň has-da berkeýär.

Ýaşlar forumynyň geçirilen günlerinde elimize gowşan hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitaby biziň her birimiz üçin nusgalyk gollanma boldy. Kitabyň «Ýaşlar we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy» diýlip atlandyrylan bölüminde: «Şu günki ýaşlar Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen täze ruhly nesillerdir. Ýaşlar guramasy Watana wepaly nesilleri terbiýelemekde we jebisleşdirmekde, olaryň güýç-kuwwatyny, aň-düşünjesini Garaşsyz ýurdumyzy ösdürmäge gönükdirmekde öz borjuny üstünlikli ýerine ýetirip gelýär» diýlip, guramanyň işine ýokary baha berilýär. Kitapda mundan beýläk-de zehinli, ylma, çeper döredijilige ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, höweslendirmek bilen bagly möhüm wezipeler goýulýar.

Ýurdumyzda ýaşlaryň hukuk we durmuş goraglylygyny üpjün etmek, milletimiziň ruhy-ahlak, medeni gymmatlyklaryny, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, watançylyk, ynsanperwerlik duýgularyny, raýat jogapkärçiligini terbiýelemek, olaryň başlangyçlaryny goldamak hem höweslendirmek milli maksatnamalaryň esasy ugurlary bolup durýar. Şol wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak maksady bilen kabul edilen «Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» durmuşa geçirilýär. Onuň çäklerinde kämil, berk bedenli, ruhy taýdan sagdyn, öz halkynyň taryhyny, medeniýetini, däp-dessurlaryny hem-de maşgala gymmatlyklaryny hormatlaýan şahsyýeti kemala getirmäge gönükdirilen anyk çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlara, olaryň üstünliklerine bagyşlap ýazan ilkinji kitaby, gymmatly öwüt-ündewleri ýaşlaryň öňünde belent wezipeleri goýýar. Goý, ýaşlara uly ynam bildirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik tutumlary hemişe rowaç bolsun!

**Mähek SARYÝEWA,**
*Gökdepe etrabyndaky 26-njy orta mekdebiň iňlis dili mugallymy.*

# PYRAGYNYŇ NUSGALYK MEKDEBI

Nurmuhammet Andalyp, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Abdylla Şabende, Şeýdaýy, Gurbanaly Magrupy, Mahmyt Gaýyby we başga-da birnäçe söz ussatlarymyzyň edebiýat meýdanyna gelmegi bilen, XVIII asyr edebi döwri başlanýar. Şygryýet sungatynyň ýokary basgançagyna galan bu eýýam «türkmen nusgawy edebiýaty» diýlip atlandyrylýar. Ady agzalan nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiligi ideýa-mazmun, tematik geriminiň köpdürlüligi, jemgyýetçilik-didaktik örüsiniň giňligi babatda nusga alarlyk derejede bolmagy, edebiýatymyzyň ösüşiniň soňky döwürlerine-de özüniň ägirt uly täsirini ýetirdi. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny nusga edinen Mämmetweli Kemine, Seýitnazar Seýdi, Gurbandurdy Zelili, Mollanepes, Annagylyç Mätäji ýaly söz ussatlarymyz edebi özgerişi dowam etdirip, iň ýokary belentlige ýetirmegi başardylar.

Magtymgulynyň şygryýeti edebiýatymyza ýetiren täsiri bilen çäklenen däldir. Akyldar şahyrymyzyň goşgularynda öňe sürülýän taglymatlaryň hyýalylykdan daş bolup, olarda watançylyk, jemgyýetçilik-durmuş meseleleri, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk ýaly meseleleriň içgin gozgalmagy we işlenilmegi halkymyzyň aňyýetiniň ösmegine gönüden-göni täsirini ýetirdi. Il içinde Garaşsyz ýurt gurmak, kämil, ylymly-bilimli jemgyýeti kemala getirmek arzuw-islegi güýçlenip başlandy. Pyragynyň öňe süren garaýyşlarynyň köpüsi öz derwaýyslygyny hiç haçan ýitirmejek edebi-ruhy gymmatlyga öwrülmegi, Magtymgula «beýik akyldar» diýmeklige doly esas berýän aýratynlykdyr. Gahryman Arkadagymyzyň Pyragynyň edebi mirasy hakynda: «Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy indi üç ýüz ýyla golaý wagt bäri öz ady bilen hemde gaýtalanmaýan çeper döredijiligi bilen türkmeni şöhratlandyryp gelýär. Şahyryň mertebesi, onuň türkmeniň taryhyndaky, jemgyýetçilik-syýasy, medeni-edebi durmuşyndaky orny müdimidir» diýen parasatly sözleri söz ussadymyzyň döredijiliginiň asyl gymmatyny açyp görkezýär.

Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy bilen Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny öwrenmeklige, söz ussadynyň dürdänelerini ylmy esasda seljermeklige we halka ýaýmaklyga, akyldar şahyryň pähim-parasatlaryny durmuşa ornaşdyrmaklyga giň mümkinçilikler döredilip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan giň gerimde dowam etdirilýär. Bu tutumly işleriň ylym-bilim ulgamyna-da öz oňyn täsirini ýetirendigini uly buýsanç bilen bellemelidiris. Magtymgulynyň şahyrana dünýäsini ylmy esasda öwrenmek, halka ýetirmek häzirki döwürde giň gerimde ýaýbaňlanýar. Beýik söz ussadynyň şygyrlarynyň ösüp gelýän ýaş neslimizi watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ahlaklylyk, zähmetsöýerlik, dogruçyllyk ruhunda terbiýelemekdäki ähmiýeti hem örän uludyr.



Ýurdumyzyň ähli okuw mekdeplerinde guralýan çärelerde, halypaçylyk sapaklarynda, synp sagatlarynda Magtymgulynyň goşgularynyň çeper okaýyşlary geçirilýär. Olarda akyldaryň öwüt-ündewleriniň gymmaty baradaky çykyşlarda, gürrüňdeşliklerde we özara pikir alyşmalarda gozgalýan meseleler, orta atylýan garaýyşlar mugallymlarymyzyň usuly-terbiýeçilik işleriniň ýokary hilli bolmagyny üpjün edýär. Ýaşlarymyzda Magtymgulynyň ömür ýoluna, döredijiligine degişli, onuň bilen bagly halky rowaýatlardyr hekaýatlara uly gyzyklanmanyň döremegi bu ugurda ýerine ýetirilýän işleriň aýdyň netijesidir.

Gahryman Arkadagymyzyň «Älem içre at gezer» we «Döwlet guşy» atly romanlary, «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly ylmy kitaby Magtymgulynyň edebi keşbini janlandyrýan, onuň many öwüşgine baý parasatly setirlerini aýdyňlaşdyrýan, akyldaryň türkmeniň kalbyndaky we aňyýetindäki ornuny bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykarýan, galyberse-de, söz ussadynyň abraý-mertebesine adalatly baha berýän we sarpalaýan eserlerdir. Alym Arkadagymyzyň we Magtymguly atamyzyň watançylyk, döwletlilik, agzybirlik, bagtyýarlyk baradaky garaýyşlarynyň ýaşlarymyza öwredilmegi, söz ussatlarymyzyň eserleriniň ideýa-mazmun babatdaky bitewüligini ýüze çykarmaga, çeper sözüň asyl gymmatyna göz ýetirmäge oňyn şertleri döredýär.

**Ogulbibi ATAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

# OBA HOJALYGYNDAKY DÜÝPLI ÖZGERTMELER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şu nukdaýnazardan 2023-nji ýylyň jemlerine bagyşlanan Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisi has-da uly ähmiýete eýe boldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz oba hojalyk pudagyny has-da ösdürmek babatda möhüm resminamalara gol çekdi. Şoňa laýyklykda, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, ýokary hilli oba hojalyk önümlerini öndürýän häzirki zaman önümçilikleri döretmek, önümçilige häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginden bölünip aýrylmagy arkaly, «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşigi, Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşigi, Türkmenistanyň Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşigi, «Türkmenpagta» döwlet konserni hem-de «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşigi döredildi. Oba hojalyk ministrliginiň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň döredilmegi ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynyň işini mundan beýläkde kämilleşdirmekde möhüm ädim bolar.



Pudagy ösdürmekde Oba milli maksatnamasyna-da aýratyn orun degişlidir. Oňa laýyklykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda azyk, guşçulyk, et we süýt önümçilik kärhanalarynyň senagat kuwwatlyklaryny artdyrmak üçin şertler döredilýär. Oba hojalygyny ykdysadyýetiň ýokary girdejili pudagyna öwürmek üçin bar bolan mümkinçilikler netijeli peýdalanylýar we bu ugurda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek ugrunda degişli işler alnyp barylýar. Şoňa laýyklykda, ýylyň ýylyna pagtanyň hem-de bugdaýyň satyn alyş nyrhlary ýokarlandyrylýar. Täze nyrhnama laýyklykda, bugdaýyň bir tonnasynyň döwlet satyn alyş bahasy 2 müň manat möçberde, nah pagtanyň bir tonnasy üçin döwlet satyn alyş bahalary ýygymyň başlanýan gününden 15-nji oktýabra çenli 5 müň manat, 15-nji oktýabrdan 15-nji noýabra çenli 4 müň 770 manat, 15-nji noýabrdan ýygymyň tamamlanýan gününe çenli 4 müň 550 manat möçberde, ýüpek pagtanyň bir tonnasy üçin döwlet satyn alyş bahalary ýygymyň başlanýan gününden 15-nji oktýabra çenli 6 müň 700 manat, 15-nji oktýabrdan 15-nji noýabra çenli 6 müň 400 manat, 15-nji noýabrdan ýygymyň tamamlanýan gününe çenli 6 müň 100 manat möçberde bellenildi.

Şeýle ýeňillikler ýurdumyzda pagta ösdürip ýetişdirmegiň ylmy taýdan esaslandyrylan usullarynyň ornaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen bir hatarda, gowaçanyň ir ösüp ýetişmegi, hasyllylygy we süýüminiň ýokary hili bilen tapawutlanýan täze ýerli görnüşlerini döretmek ugrundaky işleriň depgini güýçlendiriler.

Umuman, oba hojalyk pudagynda-da düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Edermen daýhanlarymyz bugdaýyň hem pagtanyň, şeýle-de beýleki oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny ýygnap, Watan harmanyny beýgeldýärler. Geljekde-de daýhanlarymyzy ykdysady taýdan höweslendirmek maksady bilen, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady hasda berkidiler.

**Jennet GARAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# BILIM ULGAMYNDA TÜRKMEN-ÝAPON HYZMATDAŞLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlyk ugrunyň gerimi barha giňeldilýär. Dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady, medeni we parlamentara gatnaşyklar işjeň ösdürilýär. Ýaponiýa Türkmenistanyň ygtybarly, strategik hyzmatdaşlarynyň biridir. Häzirki wagtda däp bolan dostlukly ikitaraplaýyn gatnaşyklar hil taýdan täze derejä çykdy. Ähli ugurlarda türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy ýylsaýyn berkidilip, halkara derejede uly ösüşlere eýe bolýar. Bilşimiz ýaly, Türkmenistan Ýaponiýa bilen 1992- nji ýylyň 22-nji aprelinde diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. 2013-nji ýylyň maý aýynda Ýaponiýada Türkmenistanyň ilçihanasy açyldy. 2014-nji ýylyň 3-nji maýynda Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda parlamentara dostluk topary döredildi. Türkmen-ýapon gatnaşyklary ähli ugurlarda netijeli ösdürilýär. Bu babatda iki ýurduň ýokary derejeli döwlet ýolbaşçylarynyň arasynda amala aşyrylan ýokary derejedäki saparlar iki ýurduň syýasy binýadyny barha pugtalandyrdy. 2005-nji ýylyň ýanwar aýynda Aşgabatda Ýaponiýanyň, 2013-nji ýylyň maý aýynda Tokioda Türkmenistanyň ilçihanalarynyň açylmagy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmegine möhüm çelgi boldy. Ikitaraplaýyn özara gatnaşyklaryň kuwwaty ýokary derejedäki gatnaşyklara getirdi. Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky ýokary derejeli söwda-ykdysady we maliýe hyzmatdaşlyk iki ýurduň halklarynyň arasyndaky özara düşünişmäge ýardam edýän medeni-gumanitar gatnaşyklaryň ösüşine hem ýardam edýär.

Bilim ulgamynda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. 2013-nji ýylda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň hem-de Sukuba uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyga, şeýle hem 2015-nji ýylda Türkmenistanyň Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň hem-de Tokionyň daşary ýurt dilleri uniwersitetiniň arasynda akademiki alyşmalar we hyzmatdaşlyk boýunça Ylalaşyga gol çekildi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti Sukuba uniwersiteti bilen özara gatnaşyklary işjeňleşdirýär.

Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde hünärleriň hem-de okuw dersleriniň ýurdumyz üçin täze dili göz öňünde tutulyp, bu ugurlar boýunça okatmaga meşhur ýapon professorlary we alymlary çagyrylýar. Ýokary okuw mekdebinde Ýaponiýa tarapyndan guramaçylyk işlerini Sukuba şäheriniň uniwersiteti öz üstüne aldy. Ýeri gelende aýtsak, uniwersitetimizde ýapon dilini diňe bir okuw sapaklarynda däl, ondan daşary boş wagtlarymyzda hem çuňňur öwrenmek üçin «Goşmaça we üznüksiz bilim» okuw merkezi hereket edýär. Bu ýerde Ýaponiýanyň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim alan we bilimini kämilleşdiren mugallymlar diňleýjilere ýapon dilini öwredýärler.



Ýaňy-ýakynda, ýagny şu ýylyň 21-24-nji ýanwary aralygynda Türkmenistanyň wekiliýetiniň Ýaponiýa amala aşyran iş saparynda bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyga hem aýratyn orun berildi. Şondan Ýaponiýanyň öňdebaryjy Sukuba we Soka uniwersitetleriniň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar geçirildi. Duşuşyklarda ikitaraplaýyn ylym we bilim, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlygy mundan beýläkde ösdürmegiň ähmiýetli meselelerine seredildi. Ýaşlar syýasaty babatynda maksatnamalaryň we bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegine aýratyn üns berildi. Saparyň esasy wakalarynyň biri hem Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen Ýapon-türkmen ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk assosiasiýasynyň arasynda innowasion tehnologiýalar ulgamynda hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi boldy. Bu hem türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň bilim ulgamyndaky gerimini has-da giňeltmek bilen, innowasion ulgamdaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge giň mümkinçilikler döreder.

**Gülbahar REJEBOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

# MAGTYMGULY PYRAGY – UMUMADAMZAT ŞAHYRY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şeýle hem ozal bilşimiz ýaly şu ýyl Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň we beýik türkmen şahyrynyň ýadygärliginiň açylyş dabarasyna taýýarlyk görülýär. Bu toplumyň çäginde daşary ýurtlaryň meşhur şahsyýetleriniň,



görnükli ýazyjy-şahyrlarynyň we söz ussatlarynyň heýkellerini oturtmak meýilleşdirilýär. Belläp geçsek, Magtymguly Pyragynyň medeni-seýilgäh toplumyny gurmak üçin 41 gektar ýer bölünip berildi. Nusgawy şahyryň tebigy belentlikde dikilen bürünç heýkeliniň beýikligi 60 metre, binýadynyň beýikligi bolsa 25 metre deňdir.

Bu şanly ýyl halkara guramalar tarapyndan hem uly goldawa eýe bolýar. Geçen ýylyň 21-nji noýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň Baş konferensiýasynyň 42-nji mejlisiniň çäklerinde kabul edilen karamama laýyklykda, Türkmenistan tarapyndan teklip edilen Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiriljek şanly seneleriň sanawyna goşuldy. Şeýle hem 2024-nji ýyl Türki döwletleriň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan «Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýlip yglan edildi. Bu baradaky degişli çözgüt Türkiýäniň Bursa şäherinde geçirilen TÜRKSOÝ-yň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň 39-njy mejlisinde kabul edildi.

Magtymguly Pyragynyň baý edebi mirasyny sanly ulgam arkaly dünýä ýaýmak maksady bilen, akyldar şahyryň ömrüne we döredijilige bagyşlanan «Magtymguly Pyragy portaly» döredildi. Şahyra degişli ähli maglumatlary özünde jemleýän sanly görnüşdäki «Magtymguly Pyragy ensiklopediýasyny», akyldar şahyryň has doly we kämil görnüşdäki «Magtymguly Pyragy diwanyny» taýýarlamak, onuň döredijiligine degişli ylmy işlerdir dokumental filmleri, telegepleşikleri yzygiderli geçirmek we başga-da ençeme çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Umuman, bu ýyl Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni birnäçe çärelere beslenip uly dabara bilen bellenip geçiler. Bu ýatdan çykmajak dabaralar taryhymyza altyn harplar bilen ýazylar diýip ynam bilen aýdyp bolar.

**Kerimberdi ÇARYMUHAMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Daşoguz welaýaty boýunça müdirliginiň Daşoguz awtoýol gözegçilik-geçiriş ýeriniň migrasiýa nokadynyň müdiri.*

# DÜNÝÄNIŇ MEŞHUR 7 TAGAMY

**Islendik tagam ýa-da iýmit döräň ýurdy bilen baglanyşykly bolsa-da, beýleki halklara ýaýramagy bilen dürlüçe usullarda taýýarlanýar. Ilkibaşda ýönekeý usulda taýýarlanan tagamlar asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilip, meşhurlyk derejesine ýetirilýär. Islendik ýurda syýahata barlanda ýa-da bir ýurda gezelenç etmek meýilleşdirilende şol sebitiň iýmit sanawy, meşhur tagamlary barada hem gürrüň gozgalýar. Geliň, dünýäniň ähli ýerine ýaýran meşhur tagamlar bilen tanyş bolalyň!**



**PIZZA.** Italýan aşhanasynyň naýbaşy tagamy hasaplanýan pizza kópleriň halaýan tiz tagamlarynyň biridir. Ýokary gyzgynlykdaky peçde derrew bişirilýän bu tagamyň 687 görnüşi bar. XIX asyryň başlarynda Italiýanyň Neapol şäherinde oýlanyp tapylan bu iýmit islege görä dürlüçe usulda taýýarlanýar. Adatça bu tagama peýnir, pomidor, zeýtun, şöhlat ýa-da et goşulýar. Pizza häzirki wagtda dünýäniň ähli restoranlaryndaky tagam sanawynda öňdäki orny eýeleýän iň gowy iýmitleriň biridir.



**DÖNER.** Dünýäde meşhur tagamlaryň ikinjisi döner bolup, türk gastronomiýasyndan gözbaş alýar. Osman imperiýasy döwründe oýlanyp tapylan bu tagamyň taryhy XVII asyrlara degişli bolup, şol wagt döner közüň üstünde keseligine goýlup bişirilipdir. 1850-nji ýyllardan soň ýuka kesilen et bölekleri örülen görnüşde dikligine bişirilip başlanypdyr. Türkiýäniň Bursa şäheri döneriň döräň ýeri hasaplanyp, XX asyryň ahyrynda çalt tagam görnüşinde çöregiň arasyna goýlup köpçülikleýin satylyp ugraýar. 1950-nji ýyllardan soň türkleriň milli tagamynyň meşhurlygy has artyp, dünýäniň dürli ýurtlarynda döner satylýan göçme dükanlar peýda bolup başlaýar.



**GAMBURGER.** Amerikalylaryň her gün iýýän tiz tagamlarynyň biri bolan gamburger çişirilen çöregiň arasyna kotlet, peýnir, salat oty, pomidor we sogan goýlup taýýarlanýar. Gamburgeriň haçan bişirilip başlanandygy barada dürlüçe pikirler bar. Taryhçylar Tehasyň kiçi şäherçeleriniň birinde köçe aşpezi tarapyndan gamburgeriň oýlanyp tapylandygyny belleýärler.



**DIM-SUM.** Hytaý aşhanasy deňiz önümlerine baý meşhur tagamlary bilen tapawutlanýar. Şeýle tagamlaryň biri-de dim-sum bolup, taýýarlamak üçin köp wagt talap edýär. Hytaýlylaryň bu lezzetli tagamy ýuka ýaýylan hamyryň içine et, balyk we balygyň derisine gök önümler salnyp taýýarlanylýar. Balykgulaga meňzeş bu tagam ertirlik we günortanlyk naharynda iýilýär.



**BIRÝANI.** Hindistanda we Pakistanda iň köp iýilýän tagamlaryň biri hem birýani bolup, tüwiniň birýani sortundan taýýarlanylýar. Birýani tüwüsi bilen adygan bu tagama et, towuk eti, balyk, gök otlardyr ys berijiler goşulýar.



**HUMUS.** Nohutdan taýýarlanýan iýmitleriň arasynda humus iň meşhury hasaplanýar. Ýakyn Gündogar ýurtlarynda we türk aşhanasynda giňden taýýarlanylýan bu tagam kä çorba, käte işdäaçar hökmünde iýilýär. Humusa nohut püresi, zeýtun ýagy, owradylan künji, sarymsak, limon suwy we gyzyl burç goşulýar.



**SUŞI.** Ýapon aşhanasynyň iň meşhur tagamy bolan suşi tüwä garylan deňiz önümleriniň daşyna çig balyk dolanyp taýýarlanýar. Ýaponlaryň bu milli tagamy 1980-nji ýyllardan soň bütin dünýäde meşhurlyk gazanyp, köp ýurtda suşi restoranlary açyldy. Häzirki wagtda suşi saşimi we unagi ýaly täzeçe usullarda hem taýýarlanylýar.

# Kamakura gar öýi festiwaly

450 ýyl bäri Ýaponiýanyň Ýokote şäherçesinde ýerli ýaşaýjylar her ýyl gyş paslynyň gelmegi bilen kamakura gar öýüni gurýarlar. Fewral aýynyň ortalaryna ýerli halk gadymy däp-dessurlaryna eýerip şäheriň töwereklerindäki meýdanlarda gar öýlerini ýasap, emeli yşyklar bilen öýleri bezeýärler. Her ýylyň 15-16-njy fewralyna gabatlanyp geçirilýän bu festiwal yşykly gijeleriň şalygyna öwrülýär. «Kamakura» sözi ýaponlaryň kamado atly pejinden gelip çykyp, sözüň ikinji bölegindäki «kura» ammar diýmegi aňladýar. Kamakuralar kiçijik görnüşden başlap, 6 adama çenli niýetlenen ululykda ýasalýar. Her maşgala öz guran gar öýlerine ýygnanyp, şol



gije suw hudaýyna doga edýärler. Geljek ýylda saglyk, abadançylyk bolmagyny, ekinleriň bol hasyl getirmegini dileýärler. Her ýyl bu festiwaly ýakyndan synlamak üçin müňlerçe syýahatçy Ýaponiýa barýar. Baýramçylyk gijesi myhmanlara moçi tüwüsinden taýýarlanan desertler, tüwüden gaýnadylyp taýýarlanan «amadzake» içimligi hödür edilýär. Kamakura gar öýleri Ýokote derýasynyň kenarynda, Ýokote gala depesiniň eteginde gurulýar. Baýramçylyk gijesi şäher owadan görnüşe eýe bolýar. Festiwal wagtynda gala baryp, ýalpyldawuk şäheri ýokardan synlap bolýar. Mundan başga-da, Doro-koen seýilgähine baryp, kamakuranyň taryhy we nädip ýasalýandygy barada gysgaça sapaklary hem alyp bolýar. Kamakura festiwaly birek-birek bilen dostlaşmaga, ýakynlaşmaga we wagtyňy şatlykly geçirmäge mümkinçilik berýän iň gowy gyşky festiwallaryň biridir.

# Saçy ösdürmegiň USULLARY

**Zenanlaryň köpüsi saçynyň uzyn bolmagyny isleýär. Saçyň uçlary döwlende zeper ýeten ýerini kesmeli bolýar. Soňra saçyň gaýtadan ösmegi üçin ençeme wagt garaşmaly bolýar. Eýsem, saçy tebigy ýagdaýda ösdürmegiň usullary barmy? Geliň, trihologlaryň (kelle we saç boýunça hünärmen) maslahat berýän käbir usullary bilen tanyş bolalyň!**

Trihologlar zenanlaryň saçynyň her aýda ortaça 1,3 santimetr, bir ýylda bolsa, 15 santimetr ösýändigini belleýärler. Saça ýokumly maddalar ýetmezçilik edende saçyň düşmegi ýa-da ujunyň döwülmegi ýaly ýagdaýlar bolup geçýär. Saçyň 97 göterimi belokdan durýar. Şol sebäpli her gün ertirlik ýa-da günortanlyk naharynda belokly iýmitleri iýmeli. Belok, esasan hem, balykda, ýumurtgada, etde we gatykda saklanýar. Saçy çalt ösdürmek üçin belok bilen bir hatarda, düzüminde demir, sink, B12, D witamini we Omega-3 ýag kislotasy bolan iýmitleri ýa-da zerur bolan goşundylary almak hem zerurdyr. Saçyň zaýalanmazlygy we çalt ösmegi üçin kadaly uklamaly. Şeýle hem sürtülmä sezewar bolup biljek gaty ýassykda däl-de, nah mataly ýumşak ýassykda ýatmaly. Kadaly uky stresi peseldip, bedende saçyň ösmegi üçin zerur bolan energiýanyň öndürilmegini üpjün edýär. Saçyň düýbündäki öýjükleriň täzelenip, saçyň has çalt ösmegi üçin her gün kelläni we saçyň düýplerini mazaly ýuwmaly. Şeýle hem goňaga garşy ýuwujy serişdeleri ulanmaly. Saçyňyzy ösdürmek isleýän bolsaňyz, emeli guradyjy serişdeleri ulanmagy bes etmeli. Saçy tebigy ýagdaýda mata süpürgiç bilen guratmaly. Egerde emeli guradyjy serişdeleri ulanmak zerurlygy ýüze çykan halatynda 30 santimetr uzaklykda saklap, orta ýa-da pes ýylylykda guratmaly. Ýuwlup guradylandan soň aloe şiresini ýa-da zeýtun ýagyny çalmak hem saçy iýmitlendirip, ösüşini çaltlandyrýar.

# Gyzyl reňk – gujurlylygyň we söýginiň nyşany

**Gyzyl reňk reňkler dünýäsinde iň güýçlüsi hasaplanýar. Bu reňk adamlarda söýgi, mähir, rahatlyk duýgusyny döredýär. Dil biliminde «gyzyl» sözi köplenç aýratyn nygtalýan, artykmaçlygy bolan zatlarda ulanylýar. Mysal üçin, gyzyl kitap, gyzyl diplom we ş.m.**

**Gyzyl reňk her halkda dürlüçe many öwüşginini döredýär. Amerikanlar gyzyl reňki söýginiň nyşany hasaplaýan bolsa, hytaýlylar ýagşylygy, akgöwünliligi, şowlulygy, rowaçlygy we hormat-sylagy gyzyl reňk bilen alamatlandyrýarlar. Bu reňk hindilerde bagtly durmuşy, döredijiligi we egsilmez gujur-gaýraty aňladýar. Şeýle hem hindi zenanlary maňlaýyna çalýan gyzyl boýagyny adamy şowsuzlyklardan gorap saklaýan, bagt getirýän güýç diýip hasaplaýarlar. Ruslarda göreşi we işjeň hereketi aňladýan bu reňk Singapurda şadyýanlygyň we ruhubelentligiň nyşany hasaplanýar. Gyzyl reňk iňlisleriň hem medeniýetine düýpli ornaşyp, iki gatly gyzyl awtobuslarynyň we gyzyl telefon dükançalarynyň ýurduň milli nyşanyna öwrülmegi ýöne ýerden däl. Gyzyl reňk skandinaw ýurtlarynda hem meşhurdyr.**

**GYZYL REŇKIŇ TÄSIRI**

**Psihologlar gyzyl reňki adamy durmuşa höweslendirýän, işjeňligini artdyrýan we güýç-kuwwat berýän reňk diýip tassyklaýarlar. Gyzyl reňki köplenç dogumly, işeňňir we gujurly adamlar saýlap alýarlar. Köp ýurtda bu reňkiň söýginiň nyşany hasaplanýandygy sebäpli, esasan, gyzyly aşyklar saýlaýarlar. Gyzyl reňkli egin-eşikler barada aýdylanda zenanlar bu reňke has köp ýykgyn edýärler. Gyzyl reňk zenanlary gelşikli, mylakatly we bagtly görkezýär. Bu reňk beýleki reňklere görä adam aňyna has çalt täsir edýär. Şol sebäpli ýol hereketindäki duýduryjy belgilerde hem gyzyl reňk has köp ulanylýar.**

# ÇAGALAR

**Beliziň (Merkezi Amerika döwleti) baýdagy dünýäniň iň köp reňkli baýdagy hasaplanýar. Bu baýdakda jemi 12 reňk bar.**

## Gün we ýel

(Erteki)

Bir gün ýel bilen Gün öz aralarynda jedelleşipdirler. Ýel: «Men senden has güýçli» diýip dawa başlapdyr. Şol mahal ýolda bir ötegçi peýda bolupdyr. Gün nuruny saçyp şeýle diýipdir:

– Seret, hol barýan oglany görýärmiň? Kim şonuň possunyny çykarsa, şol hem ýeňiji bolsun! Ilki sen başlaý – diýipdir.

Ýel tekepbirlik bilen:

– Beýle bolsa, onuň possunyny çykaryşyma bir seret – diýip, men-menlik edipdir.

Gün:

– Bolýa-da – diýip, bulutlaryň aňyrsynda bukulyp, ol ýerden ýeliň turuzjak oýnuna tomaşa etmäge başlapdyr.

Ýel bar güýji bilen öwsüp ugrapdyr. Ol güýjedigiçe, ýöräp barýan oglan hem üşäp başlapdyr. Üşedigiçe-de possunyny berk gysypdyr. Ýeliň muňa gahary gelip, has-da güýjäpdir. Oglan bolsa possunyny öňküden-de mäkäm saklapdyr. Ýel näçe güýjedigiçe, ol egnindäki possunyna şonça-da mäkäm ýapyşypdyr.

Ýel ahyrsoňy ýadap ýatyşypdyr. Güneş bolsa, bulutlaryň aňyrsyndan jyklap, oglana bakyp, mylaýym ýylgyrypdyr. Howa maýlapdyr. Oglan muňa begenip:

– Indi possunyň zerurlygy hem ýok – diýip, ony çykaryp egnine atypdyr.

Şonda Gün ýele bakyp:

– Ine, gördüňmi, hoşamaý we mylakatly bolanlaryň işi hemişe ugruna bolýandyr – diýipdir.



## Guşlary tok urmaýarmy?

**Elektrik togy geçýän simleriň üstünde hatarlanyşyp oturan guşlary köplenç görýän bolsaňyz gerek. Esasan hem, bu hadysa agaçlaryň ýapragyny döküp, howanyň sowap başlan günleri has köp duş gelinýär. Eýsem, guşlary tok urmaýarmy?**

**Elektrik togy geçiriji häsiýete eýedir. Eger-de guşuň iki aýagy bir simiň üstünde duran bolsa onda tok guşuň iki aýagynyň arasyndaky güýjenmesi az simden geçip, ýoluny dowam edýär. Guşlar sime gonanda yzygiderli zarýadlanýar we aýagy arkaly güýjenmäni geçirip goýberýär. Eger-de guşuň her aýagy başga simde duran ýagdaýynda zynjyr emele gelip, guşy tok urýar. Elektrik togy garşylygy halamaýar. Şeýle hem elektrik energiýasy iki simiň birinden akyp baryp, lampany ýakandan soň, beýleki simden yzyna gaýdýar. Şeýle hem guşlaryň aýagyndaky izolýasiýa gatlagy tok urmagyndan goraýar. Käte guşlar «suwa düşüp», tokly simiň üstüne gonýarlar. Şeýle ýagdaýda guşuň aýagynyň derisi gyrlan bolsa ýa-da guş çüňki bilen sime degse, onda ony bada-bat tok urar. Bellenilmegine görä, elektrik togy uly guşlara görä kiçi guşlara az täsir edýär. Guşlar adaty energiýa woltundan 12 müň wolt aralygynda simlere gonup bilýärler. Simdäki toguň güýjenmesiniň beýgelip-peselip üýtgäp durýandygy sebäpli, energiýanyň guşlara täsir edişi hem dürlüçe bolýar.**






Labirint



Sanlary birleşdiriň we şekili reňklaň!





6 tapawudy tapyň!



## Bulary bilmek gyzykly

- Dünýädäki iň çuň ýer Ýuwaş ummanyndaky Mariana çöketligi hasaplanýar. Onuň çuňlugy 11 kilometre barabar.
- Ananasyň ösmegi üçin 2 ýyl gerek.
- Armadillosa (Latyn Amerikasynda ýaşaýan sowutly süýdemdiriji) ok geçmeýär. Bu süýdemdirijini daşyndaky teňňeli gabygy we top ýaly ýygrylýan bedeni dürli howpdan goraýar.
- Niagara şarlawugy howanyň sowuklygyna garamazdan hiç wagt doňmaýar.
- Gizanyň piramidasyny emele getirýän her bir daşyň agramy 2,5 tonna barabar. Bu üçburç binany gurmak üçin şeýle daşdan 2,3 milliony ulanylypdyr.
- Beýik Hytaý diwaryny başdan-aýak ýöräp geçmek üçin 18 aý gerek bolýar. Diwaryň uzynlygy 8 müň kilometrden gowrak.
- Beliziň (Merkezi Amerika döwleti) baýdagy dünýäniň iň köp reňkli baýdagy hasaplanýar. Bu baýdakda jemi 12 reňk bar.
- Maglumatlara görä, Ýer ýüzünde iň köp syýahat edilýän ýurt Fransiýa bolup, her ýyl 85 million töweregi daşary ýurtly barýar. Bu ugurda ikinji orunda ABŞ we Ispaniýa gelýär.
- Braziliýa iň köp biodürlülige eýe bolan ýurt hasaplanýar. Bu ýurtda 50 müňden gowrak agaç we ösümlik görnüşi ösýär.







Gyzykly pursat



# Aziýada-da, Afrikada-da ýer eýeleri çempion boldy

**Bir aýa golaý wagtlap dowam eden iki uly yklymyň — Aziýanyň hem-de Afrikanyň nobatdaky futbol çempionatlary tamamlandy. Birnäçe görkeziji babatda birmeňzeş bolan çempionatyň ikisinde hem ýer eýeleri çempionlyk gazanmagy başardy. Aziýada çempion üýtgemedi, Afrikada bolsa Kot-d'Iwuar 9 ýyldan soň yklymyň iň ulusy boldy.**

## Yzly-yzyna 2-nji gezek ýeňlişsiz çempionlyk gazandy

Aziýa Kubogynda çempion üýtgemedi. 18-nji Aziýa Kubogynda ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy bassyr 2-nji çempionlygyny gazanmagy başardy.

Mundan 14 aý öň Argentinanyň Dünýä Kubogyny galdyran stadionynda bu gezek ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy bilen ilkinji gezek finala çykan Iordaniýanyň ýygyndysy yklymyň çempionlygy ugrunda özara duşuşdylar. Hytaýly emin Ma Niniň jürlewük çalan duşuşygyna tomaşa etmäge gatnaşan janköýerleriň sany 86 müň 492 diýlip habar berildi. Çekeleşikli geçen oýnuň 23-nji minutynda eminiň bellän penalti urgusyny dürs uran Akram Afif ýer eýelerini öňe çykardy. 2-nji ýarymda, 67-nji minutda Al-Naimatyň goly bilen Iordaniýa hasaby deňledi. Ýöne bu goldan 6 minut soň Afif ýene-de bellenen penaltini takyk urup, toparyny 2-nji gezek öňe saýlady. Şondan soň Iordaniýanyň futbolçylary hasaby deňlejek bolup, ýiti göreş alyp bardylar. Emma bu olara başartmady. Duşuşygyň 90+5-nji minutynda-da emin VAR-yň görkezmesi boýunça ýene bir penaltini Iordaniýanyň derwezesiniň alkymynda belledi. Bu gezek hem urgyny ýalňyşsyz ýerine ýetiren Afif duşuşyga soňky nokady goýdy. Şunlukda, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan Kataryň ýygyndysy bassyr 2-nji gezek Aziýanyň çempiony diýen ady eýeledi.



Kataryň ýygyndysy çempionlygyny goran 5-nji topar bolup, ondan öň Günorta Koreýanyň, Eýranyň (2 gezek), Saud Arabystanynyň hem-de Ýaponiýanyň ýygyndylary şeýle netije görkezipdiler. Aziýa Kubogynda 8-nji gezek ýer eýeleri çempionlyk gazanmagy başardy. Katardan öň Günorta Koreýanyň, Ysraýylyň, Eýranyň (2 gezek), Kuweýtiň, Ýaponiýanyň, Awstraliýanyň ýygyndylary özlerinde geçirilen çempionaty çempionlyk bilen tamamlapdylar.

Kataryň ýygyndysy yzly-yzyna 2 ýaryşy-da ýeňlişsiz çempionlyk bilen tamamlap, taryhy başarnyk görkezdi. Finalda 3 gezek tapawutlanan Akram Afif çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Ol ýaryşyň çäginde finalda het-trik eden ilkinji futbolçy boldy. 8 goly derweзä girizen 27 ýaşyndaky Afif çempionatyň iň netijeli futbolçysy baýragyny hem eýeledi. Şeýle-de, katarly Meşaal Barşam çempionatyň iň ökde derwezeçisi diýlip saýlandy.



Akram Afif

Çempionatda 51 duşuşykda 132 gol (ortaça 2,59 gol) geçirildi. Duşuşyklara tomaşa etmek üçin ortaça 29 müň 565, umumylykda 1 million 507 müň 790 janköýer stadiona geldi we bu iki görkeziji-de 1992-nji ýyldan bäri ýöredilýän resmi maglumatlara görä, iň ýokary netijelerdir.

Çempionat indiki gezek 2027-nji ýylda Saud Arabystanynda geçiriler.

## 9 ÝYLDAN SOŇ 3-nji KUBOK

Kot-d'Iwuarda geçirilen 34-nji Afrika Milletler Kubogynyň finalynda ýer eýeleri bilen Nigeriýanyň ýygyndylary duşuşdy. Abidjandaky Alassane Ouattara adyndaky stadionda oýnalan finala mawritaniýaly Dahane Beida eminlik etdi. Duşuşyga tomaşa etmek üçin 57 müň 94 janköýer stadiona ýygnandy.

Çekeleşikli geçen duşuşygyň 1-nji ýarymynda Nigeriýanyň ýygyndysy Troost-Ekongyň 38-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda ýer eýeleri özüni dürsemegi başardy. Duşuşygyň 62-nji minutynda Frank Kessi hasaby deňledi. Oýnuň 81-nji minutynda bolsa Sebastian Haller ýer eýelerini öňe çykardy. Galan minutlarda-da Nigeriýanyň ýygyndysyna hasaby deňlemek ýa-da öňe saýlanmak başartmady. Şunlukda, Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy 2–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 1992-nji we 2015-nji ýyllardan soň taryhynda 3-nji gezek yklymyň çempiony bolmagy başardy. Bu ugurda Nigeriýa bilen deňleşen Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy Müsür (7), Kamerun (5), Ganadyr (4) Nigeriýadan (3) soň 5-nji orunda barýar. Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy 2006-njy we 2012-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi. Afrika Milletler Kubogynda 12-nji gezek ýer eýeleri çempionlyk gazandy.



1980-nji, 1994-nji hem-de 2013-nji ýyllaryň çempiony Nigeriýanyň ýygyndysy 1984-nji, 1988-nji, 1990-njy we 2000-nji ýyllardan soň 5-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy.

### TÄLIMÇISINI ÇALYŞDY

● Toparçalardaky duşuşyklara Gwineýa-Bissauny 2-0 hasabynda utup, ýeňiş bilen başlanam bolsa, Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy 2–3-nji duşuşyklarynda Nigeriýadan (1–0) hem-de Ekwator Gwineýasyndan (4–0) asgyn geldi. Toparçada 3-nji orny eýeläp, 3-nji ýeri eýelänleriň arasynda iň gowy 4 toparyň soňkusy bolup, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Toparçalardaky duşuşykdan soň ýygyndynyň fransiýaly baş tälimçisi Žan-Lui Gasse wezipesinden boşadylyp, ornuna ýerli hünärmen Emerse Fae wagtlaýynça tälimçilige bellendi. Şondan soň 1/8 finalda soňky çempion Senegal bilen duşuşan Kot-d'Iwaur soňky minutlarda Kessiniň penaltiden geçiren goly bilen hasaby deňläp, penaltileriň netijesinde üstün çykdy we çärýek finala adyny ýazdyrdy. Çärýek finalda Mali bilen duşuşan Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy Adinganyň goly esasynda 90-njy minutda hasaby deňledi. Goşmaça wagtyň hem iň soňky minutlarynda Diakiteniň goly bilen ýeňşini baýram etdi. Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy ýarym finalda-da Kongo DR-niň ýygyndysyny Halleriň ýeke-täk goly esasynda ýeňipdi.

Baýrakly 3-nji ýer ugrundaky duşuşykda-da esasy we goşmaça wagtda hasap açylman, penaltileriň netijesinde Günorta Afrikanyň ýygyndysy Kongo DR-niň ýygyndysyny 6–5 hasabynda utdy. Günorta Afrikanyň ýygyndysy 2000-nji ýyldan soň 2-nji gezek bürünç medala mynasyp boldy. Kongo DR-niň ýygyndysy-da 1972-nji ýyldan soň 2-nji gezek 4-nji orny eýeledi.

### IŇ KÖP GOL GEÇIRILEN ÇEMPIONAT BOLDY

● Çempionatyň çäginde geçirilen 52 duşuşykda derwezelere 119 gol girizildi (ortaça 2,29 gol). Bu çempionat iň köp gol geçirilen Afrika Milletler Kubogy boldy. Çempionatda duşuşyklara jemi 1 million 109 müň 593 janköýer tomaşa etdi (ortaça 21 müň 338).

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, nigeriýaly William Troost-Ekong saýlandy. 5 gezek tapawutlanan Ekwator Gwineýasynyň futbolçysy Emilio Nsue iň köp gol geçiren oýunçy boldy. Çempion toparyň futbolçylaryndan Simon Adinga çempionatyň iň ökde ýaş oýunçysy, Günorta afrikaly Ronwen Williams iň ökde derwezeçi diýlip saýlandy.



Sebastian Haller

35-nji Afrika Milletler Kubogy 2025-nji ýylda Marokkoda geçiriler.

## Bir sözlemde



Elena Rybakina

- BAE-niň paýtagtynda geçirilen «Abu Dabi Açyk» zenanlar tennis ýaryşynda gazagystanly Elena Rybakina çempionlyk gazanyp, ol finalda russiýaly Dariýa Kasatkinany 6:1, 6:4 hasaplar bilen ýeňdi we şu ýylky 2-nji, karýerasyndaky 7-nji WTA Kubogyny asmana göterdi.
- Rumyniýanyň Kluž-Napoka şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Transilwanýa Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda ýerli tennisçi Ana Bogdany 6:4, 6:3 hasaplar bilen ýeňen çehiýaly Karolina Plişkowa karýerasy boýunça 17-nji WTA Kubogyny gazandy.
- Erkekleriň arasynda ABŞ-da geçirilen «Dallas Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda iki amerikaly tennisçi duşuşyp, Markos Žirony 7:6, 5:7, 6:3 hasaplar bilen ýeňen Tommi Pol karýerasyndaky 2-nji ATP kubogyny ýokary galdyrdy.
- Fransiýanyň Marsel şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Açyk 13» tennis ýaryşynda fransuz tennisçisi Ugo Humbert çempionlyk gazanyp (ATP-däki 5-nji kubogy), ol finalda bolgariýaly Grigor Dimitrowy 6:4, 6:3 hasabynda utdy.
- Argentinada geçirilen «Kordoba Açyk» erkekleriň arasyndaky tennis bäsleşiginiň finalynda italiýaly Luçiano Darderi bilen ýerli tennisçi Fakundo Bagris duşuşyp, ýewropaly raketkaçy 6:1, 6:4 hasaplar esasynda karýerasyndaky ilkinji çempionlygyny baýram etdi.





## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*16-njy fewral (anna)*

**Inter – Salernitana (01:00)**
**Lion – Nissa (01:00)**

*17-nji fewral (şenbe)*

**Brentford – Liwerpul (17:30)**
**Napoli – Jenoa (19:00)**
**Haýdenhaým – Baýer (19:30)**
**Börnli – Arsenal (20:00)**
**Tottenham – Wulwerhempton (20:00)**
**Werona – Ýuwentus (22:00)**
**Mançester Siti – Çelsi (22:30)**
**Leipsig – Aýntraht (22:30)**
**Selta – Barselona (22:30)**
**Walensiýa – Sewilýa (01:00)**
**Nant – PSŽ (01:00)**

*18-nji fewral (ýekşenbe)*

**R. Wallekano – Real Madrid (18:00)**
**Luton Tawn – M. Ýunaýted (21:30)**
**Bohum – Bawariýa (21:30)**
**Monza – Milan (00:45)**
**Brest – Marsel (00:45)**

*19-njy fewral (duşenbe)*

**Atletik – Žirona (01:00)**

## «Arsenalyň» taryhy ýeňşi

Angliýanyň çempionatynda London derbisinde «Arsenal» myhmançylykda «West Hamyň» derwezesinden jogapsyz 6 gol girizdi. Bu topçularyň «Premier Ligadaky» myhmançylykda gazanan iň uly hasaply ýeňşi bolup, duşuşygyň gollaryny Saliba, Saka (2), Gabriel, Trossar hem-de Raýs dagy geçirdi. Başga bir London derbisinde-de «Çelsi» garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, myhmançylykda «Kristal Palasy» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Ewertony» Holannyň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Holann «Premier Ligadaky» ilkinji 50 duşuşygynda 51 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Sanawyň lideri «Liwerpul» ýyldyz hüjümçileri – Žotanyň, Diazyň hem-de Nunýesiň gollary esasynda «Börnlini» 3–1 hasabynda ýeňdi. «Tottenham» hem «Braýtony» Jonsonyň 90+6-njy minutda geçiren golundan soň 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ilkinji 4-lüge girmek üçin göreşýän 2 toparyň – «Aston Willa» bilen «Mançester Ýunaýtediň» arasyndaky duşuşykda myhmanlar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Ýunaýtede» ýeňiş getiren gollary Heýlunn bilen Maktomineý derwezä girizdi.



## UEFA MILLETLER LIGASYNYŇ BIJELERI ÇEKILDI

**UEFA Milletler Ligasynda 2024/25 möwsüminiň bijeleri çekildi. Bijä laýyklykda «A» Liganyň iň güýçli toparçasy 2-nji toparça bolup, Italiýadyr Belgiýanyň, Fransiýanyň hem-de Ysraýylyň ýygyndylary özara duşuşarlar.**

«A», «B», «C» Ligalarynda 4 toparly 4 toparça bolup, «D» Ligasynda 3 toparly 2 toparça bar. «A» Liganyň her toparçasynda 1-2-nji ýeri eýelänler geljek ýylyň mart aýynda çärýek finalda oýnarlar. Bu duşuşyklarda ýeňiş gazananlar ýarym finala çykarlar. «B» Liganyň toparçalarynda 1-nji ýeri eýelänler «A» Ligada, «C» Liganyň toparçalarynda 1-nji ýeri eýelänler «B» Ligada çykyş etmäge hukuk gazanarlar. «D» Liganyň her toparçasyndan 2 topar «C» Ligasyna çykar. Ozalkylara garanyňda, toparçalardan soň duşuşyklaryň sany köpeldilip, «A» Ligada 3-nji ýeri eýelänler «B» Ligada 2-nji ýeri eýelänler bilen, «B» Ligada 3-nji ýeri eýelänler, «C» Ligada 3-nji ýeri eýelänler bilen özara pleý-off duşuşyklaryny geçirerler.





Şu ýylyň güýzünde, 5–10-njy sentýabrda 1–2-nji, 10–15-nji oktýabrda 3–4-nji hem-de 14–19-njy noýabrda-da 5–6-njy duşuşyklar geçiriler. Geljek ýylyň mart aýynda çärýek finalyň duşuşyklary guralar. 4–5-nji iýunynda ýarym final, 8-nji iýunynda-da 3-nji ýer üçin we final duşuşyklary oýnalar.

### «A» Liga

**1-nji toparça:** Horwatiýa, Portugaliýa, Polşa, Şotlandiýa
**2-nji toparça:** Italiýa, Belgiýa, Fransiýa, Ysraýyl
**3-nji toparça:** Niderlandlar, Wengriýa, Germaniýa, Bosniýa we Gersegowina
**4-nji toparça:** Ispaniýa, Daniýa, Şweýsariýa, Serbiýa

### «B» Liga

**1-nji toparça:** Çehiýa, Ukraina, Albaniýa, Gruziýa
**2-nji toparça:** Angliýa, Finlýandiýa, Irlandiýa, Gresiýa
**3-nji toparça:** Awstriýa, Norwegiýa, Sloweniýa, Gazagystan
**4-nji toparça:** Uels, Islandiýa, Garadag, Türkiýe

### «C» Liga

**1-nji toparça:** Şwesiýa, Azerbaýjan, Slowakiýa, Estoniýa
**2-nji toparça:** Rumyniýa, Kosowo, Kipr, Litwa/Gibraltar
**3-nji toparça:** Lýuksemburg, Bolgariýa, Demirgazyk Irlandiýa, Belarus
**4-nji toparça:** Ermenistan, Farer Adalary, Demirgazyk Makedoniýa, Latwiýa

### «D» Liga

**1-nji toparça:** Litwa/Gibraltar, San Marino, Lihtenşteýn
**2-nji toparça:** Moldowa, Malta, Andorra

### PREMIER LEAGUE (24) — 37 gol

**Man. Siti—Ewerton: 2–0** (Holann 71, 85), **Wulwerhempton—Brentford: 0–2** (Nergor 35, Touni 77), **Liwerpul—Börnli: 3–1** (Žota 31, Diaz 52, Nunýes 79 — O'Şi 45), **Luton Tawn—Şeffild Ýun.: 1–3** (Morris 52 p — Arçer 30, Makeýti 36 p, Wini Souza 73), **Tottenham—Braýton: 2–1** (Sarr 61, Jonson 90+6 — Gross 16 p), **Fulham—Bornmut: 3–1** (De Kordowa-Rid 5, Muniz 36, 52 — Senesi 50), **N. Forest—Nýukasl: 2–3** (Elanga 26, Hadson-Odoi 45+6 — Gimaraýns 10, 66, Şer 43), **West Ham—Arsenal: 0–6** (Saliba 32, Saka 41 p, 63, Gabriel 44, Trossar 45+2, Raýs 66), **Aston Willa—M. Ýunaýted: 1–2** (Duglas Luiz 67 — Heýlunn 17, Maktomineý 86), **K. Palas—Çelsi: 1–3** (Lerma 30 — Gallaher 47, 90+1, Fernandes 90+4)

### LA LIGA (24) — 26 gol

**Kadiz—Betis: 0–2** (Willian 6, Fornals 46), **Alawes—Wilýarreal: 1–1** (Omorodion 25 — Kuenka 42), **R. Sosiedad—Osasuna: 0–1** (Budimir 49), **Real Madrid—Žirona: 4–0** (Winisius Junior 6, Bellingam 35, 54, Rodrigo 61), **Las Palmas—Walensiýa: 2–0** (Suares 89, Mark Kardona 90+5), **Hetafe—Selta: 3–2** (Maýoral 41, Mata 45+2, 89 — Strand Larsen 71, Aliende 85), **Malýorka—R. Wallekano: 2–1** (Sançes 48, Muriki 90+1 — Alwaro Garsiýa 76), **Sewilýa—Atletiko: 1–0** (Romero 15), **Barselona—Granada: 3–3** (Ýamal 14, 80, Lewandowski 63 — Rikard Sançes 43, Pellistri 60, Mikel 66), **Almeriýa—Atletik: 0–0**

### SERIE A (24) — 33 gol

**Salernitana—Empoli: 1–3** (Waýssman 69 — Zanoli 23 ö.d., Niang 88 p, Kançelieri 90+4), **Kaliari—Lasio: 1–3** (Gaetano 51 — Deýola 26 ö.d., Immobile 50, Anderson 65), **Roma—Inter: 2–4** (Mançini 28, El-Şaarawi 44 — Açerbi 17, Turam 49, Anhelinio 56 ö.d., Bastoni 90+3), **Sassuolo—Torino: 1–1** (Pinamonti 5 — Zapata 9), **Fiorentina—Frozinone: 5–1** (Belotti 16, Ikone 19, Martines Kuarta 43, Gonzales 53, Barak 85 — Mazzitelli 66), **Monza—Werona: 0–0, Bolonýa—Leççe: 4–0** (Beukema 5, Orsolini 27, 49, Odgor 82), **Jenoa—Atalanta: 1–4** (Malinowski 51 — De Ketelare 22, Koopmaýners 55, Zappakosta 90+10, Ture 90+13), **Milan—Napoli: 1–0** (Teo Hernandes 25), **Ýuwentus—Udineze: 0–1** (Janetti 25)

### BUNDESLIGA (21) — 22 gol

**Borussiýa D—Fraýburg: 3–0** (Malen 16, 45+7, Füllkrug 87), **Aýntraht—Bohum: 1–1** (Marmuş 14 — Broşinski 17), **Augsburg—Leipsig: 2–2** (Titz 35, Demirowiç 60 — Openda 39, Şeşko 52), **Borussiýa M—Darmştadt: 0–0, Werder—Haýdenhaým: 1–2** (Şmid 19 — Melouni 12, Beste 18), **Union Berlin—Wolfsburg: 1–0** (Duhi 45+25), **Baýer—Bawariýa: 3–0** (Stanişiç 18, Grimaldo 50, Frimpong 90+5), **Ştutgart—Maýns: 3–1** (Mittelştadt 45+1, Laweling 45+3, Undaw 73 — Ažork 76), **Hoffenhaým—Köln: 1–1** (Kramariç 90+4 — Finkgrefe 79)

### LIGUE 1 (21) — 26 gol

**Marsel—Mets: 1–1** (Mumbaniýa 56 — Udol 61), **Lans—Strasbur: 3–1** (Wai 16, Koşta 30, Sotoka 58 — Delen 43), **PSŽ—Lill: 3–1** (Ramuş 10, Aleksandro 17 ö.d., Kolo Muani 80 — Ýazyjy 6), **Le Hawr—Renn: 0–1** (Buržo 60), **Klermon—Brest: 1–1** (Kiýeý 69 — Lis-Melu 50), **Loriýan—Reýms: 2–0** (Bamba 70, Bakaýoko 87), **Tuluza—Nant: 1–2** (Dallinga 90+6 — Mohamed 2, Kadewere 51), **Monpelie—Lion: 1–2** (Nordin 23 — Lakazett 74, Kakere 82), **Nissa—Monako: 2–3** (Lýabord 37 p, Gessand 74 — Zakariýa 16, 50, Golowin 77)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 24 | 16 | 6 | 2 | 55-23 | 54 |
| 2 | MAN. SITI | 23 | 16 | 4 | 3 | 56-25 | 52 |
| 3 | ARSENAL | 24 | 16 | 4 | 4 | 53-22 | 52 |
| 4 | TOTTENHAM | 24 | 14 | 5 | 5 | 51-36 | 47 |
| 5 | ASTON WILLA | 24 | 14 | 4 | 6 | 50-32 | 46 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 24 | 13 | 2 | 9 | 33-33 | 41 |
| 7 | NÝUKASL | 24 | 11 | 3 | 10 | 51-39 | 36 |
| 8 | WEST HAM | 24 | 10 | 6 | 8 | 36-42 | 36 |
| 9 | BRAÝTON | 24 | 9 | 8 | 7 | 43-40 | 35 |
| 10 | ÇELSI | 24 | 10 | 4 | 10 | 41-40 | 34 |
| 11 | W. HEMPTON | 24 | 9 | 5 | 10 | 37-39 | 32 |
| 12 | FULHAM | 24 | 8 | 5 | 11 | 33-39 | 29 |
| 13 | BORNMUT | 23 | 7 | 6 | 10 | 31-44 | 27 |
| 14 | BRENTFORD | 23 | 7 | 4 | 12 | 34-39 | 25 |
| 15 | K. PALAS | 24 | 6 | 6 | 12 | 27-43 | 24 |
| 16 | N. FOREST | 24 | 5 | 6 | 13 | 30-44 | 21 |
| 17 | LUTON TAWN | 23 | 5 | 5 | 13 | 33-45 | 20 |
| 18 | EWERTON | 24 | 8 | 5 | 11 | 26-32 | 19 |
| 19 | BÖRNLI | 24 | 3 | 4 | 17 | 25-50 | 13 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 24 | 3 | 4 | 17 | 22-60 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 16 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 14 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 14 |
| 4 | Hyn Min SON (Tottenham) | 12 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 11 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 24 | 19 | 4 | 1 | 52-15 | 61 |
| 2 | ŽIRONA | 24 | 17 | 5 | 2 | 52-29 | 56 |
| 3 | BARSELONA | 24 | 15 | 6 | 3 | 50-33 | 51 |
| 4 | ATLETIKO M | 24 | 15 | 3 | 6 | 45-26 | 48 |
| 5 | ATLETIK B | 24 | 13 | 7 | 4 | 42-21 | 46 |
| 6 | BETIS | 24 | 9 | 11 | 4 | 28-25 | 38 |
| 7 | R. SOSIEDAD | 24 | 9 | 10 | 5 | 32-22 | 37 |
| 8 | LAS PALMAS | 24 | 10 | 5 | 9 | 25-20 | 35 |
| 9 | WALENSIÝA | 24 | 10 | 5 | 9 | 29-29 | 35 |
| 10 | HETAFE | 24 | 8 | 9 | 7 | 32-33 | 33 |
| 11 | OSASUNA | 24 | 8 | 5 | 11 | 27-36 | 29 |
| 12 | ALAWES | 24 | 7 | 6 | 11 | 24-31 | 27 |
| 13 | WILÝARREAL | 24 | 6 | 7 | 11 | 34-46 | 25 |
| 14 | R. WALLEKANO | 24 | 5 | 9 | 10 | 21-32 | 24 |
| 15 | MALÝORKA | 24 | 4 | 11 | 9 | 21-31 | 23 |
| 16 | SEWILÝA | 24 | 5 | 8 | 11 | 30-37 | 23 |
| 17 | SELTA | 24 | 4 | 8 | 12 | 26-35 | 20 |
| 18 | KADIZ | 24 | 2 | 11 | 11 | 15-33 | 17 |
| 19 | GRANADA | 24 | 2 | 7 | 15 | 26-48 | 13 |
| 20 | ALMERIÝA | 24 | 0 | 7 | 17 | 22-51 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 16 |
| 2 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 15 |
| 3 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 13 |
| 5 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 11 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 23 | 19 | 3 | 1 | 55-12 | 60 |
| 2 | ÝUWENTUS | 24 | 16 | 5 | 3 | 36-15 | 53 |
| 3 | MILAN | 24 | 16 | 4 | 4 | 47-27 | 52 |
| 4 | BOLONÝA | 24 | 11 | 9 | 4 | 35-22 | 42 |
| 5 | ATALANTA | 23 | 13 | 3 | 7 | 44-23 | 42 |
| 6 | ROMA | 24 | 11 | 5 | 8 | 42-30 | 38 |
| 7 | LASIO | 23 | 11 | 4 | 8 | 28-24 | 37 |
| 8 | FIORENTINA | 24 | 11 | 4 | 9 | 36-28 | 37 |
| 9 | NAPOLI | 23 | 10 | 5 | 8 | 32-27 | 35 |
| 10 | TORINO | 23 | 8 | 9 | 6 | 21-20 | 33 |
| 11 | MONZA | 24 | 7 | 9 | 8 | 21-28 | 30 |
| 12 | JENOA | 24 | 7 | 8 | 9 | 25-30 | 29 |
| 13 | LEÇÇE | 24 | 5 | 9 | 10 | 24-37 | 24 |
| 14 | FROZINONE | 24 | 6 | 5 | 13 | 32-49 | 23 |
| 15 | UDINEZE | 24 | 3 | 13 | 8 | 24-37 | 22 |
| 16 | EMPOLI | 24 | 5 | 6 | 13 | 18-37 | 21 |
| 17 | SASSUOLO | 23 | 5 | 5 | 13 | 29-42 | 20 |
| 18 | WERONA | 24 | 4 | 7 | 13 | 21-32 | 19 |
| 19 | KALIARI | 24 | 4 | 6 | 14 | 22-45 | 18 |
| 20 | SALERNITANA | 24 | 2 | 7 | 15 | 20-47 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 19 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 12 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 11 |
| 4 | Matias SULE (Frozinone) | 10 |
| 5 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 21 | 17 | 4 | 0 | 55-14 | 55 |
| 2 | BAWARIÝA | 21 | 16 | 2 | 3 | 59-22 | 50 |
| 3 | ŞTUTGART | 21 | 14 | 1 | 6 | 49-27 | 43 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 21 | 11 | 7 | 3 | 43-26 | 40 |
| 5 | LEIPSIG | 21 | 11 | 4 | 6 | 46-28 | 37 |
| 6 | AÝNTRAHT | 21 | 8 | 8 | 5 | 31-25 | 32 |
| 7 | FRAÝBURG | 21 | 8 | 4 | 9 | 26-37 | 28 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 21 | 7 | 6 | 8 | 38-40 | 27 |
| 9 | HAÝDENHAÝM | 21 | 7 | 6 | 8 | 30-36 | 27 |
| 10 | WERDER | 21 | 7 | 5 | 9 | 30-34 | 26 |
| 11 | AUGSBURG | 21 | 5 | 8 | 8 | 31-39 | 23 |
| 12 | WOLFSBURG | 21 | 6 | 5 | 10 | 25-33 | 23 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 21 | 5 | 7 | 9 | 36-41 | 22 |
| 14 | BOHUM | 21 | 4 | 10 | 7 | 23-39 | 22 |
| 15 | UNION BERLIN | 21 | 6 | 3 | 12 | 20-35 | 21 |
| 16 | KÖLN | 21 | 3 | 7 | 11 | 15-35 | 16 |
| 17 | MAÝNS | 21 | 1 | 9 | 11 | 16-35 | 12 |
| 18 | DARMŞTADT | 21 | 2 | 6 | 13 | 22-49 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 24 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 17 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 15 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 14 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 12 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 21 | 15 | 5 | 1 | 51-18 | 50 |
| 2 | NISSA | 21 | 11 | 6 | 4 | 22-14 | 39 |
| 3 | MONAKO | 21 | 11 | 5 | 5 | 40-30 | 38 |
| 4 | BREST | 21 | 10 | 7 | 4 | 30-18 | 37 |
| 5 | LILL | 21 | 9 | 8 | 4 | 29-17 | 35 |
| 6 | LANS | 21 | 10 | 5 | 6 | 27-20 | 35 |
| 7 | RENN | 21 | 8 | 7 | 6 | 31-25 | 31 |
| 8 | MARSEL | 21 | 7 | 9 | 5 | 29-23 | 30 |
| 9 | REÝMS | 21 | 9 | 3 | 9 | 27-29 | 30 |
| 10 | STRASBUR | 21 | 6 | 7 | 8 | 22-29 | 25 |
| 11 | LE HAWR | 21 | 5 | 9 | 7 | 23-25 | 24 |
| 12 | NANT | 21 | 6 | 4 | 11 | 22-32 | 22 |
| 13 | LION | 21 | 6 | 4 | 11 | 22-34 | 22 |
| 14 | TULUZA | 21 | 4 | 8 | 9 | 20-29 | 20 |
| 15 | MONPELIE | 21 | 4 | 8 | 9 | 21-27 | 19 |
| 16 | LORIÝAN | 21 | 4 | 7 | 10 | 28-42 | 19 |
| 17 | METS | 21 | 4 | 5 | 12 | 18-32 | 17 |
| 18 | KLERMON | 21 | 3 | 7 | 11 | 15-33 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 20 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 11 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 8 |
| 5 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 7 |

## «Baýeri» «Bawariýa» hem durzup bilmedi

**Germaniýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda sanawyň ýeňlişsiz lideri «Baýer» öz meýdançasynda «Bawariýany» 3–0 hasabynda ýeňdi. Umumylykda 31 oýundan bäri ýeňilmän gelýän we «Bawariýanyň» rekordyna golaýlan (1 oýun galdy)



«Baýeriň» gollaryny 18-nji minutda Stanişiç, 50-nji minutda Grimaldo hem-de 90+5-nji minutda uzak aralykdan topy boş derwezä gönükdiren Frimpong geçirdi. «Baýer» soňky gezek geçen ýylyň maýynda utulypdy. Bu ýeňişden soň «Baýer» «Bawariýadan» 5 utuk öňe saýlandy. «Borussiýa Dortmund» hem şol hasap bilen «Fraýburgy» ýeňmegi başardy. Gollaryň 2-sini Füllkruguň paslary bilen Malen hem-de Füllkruguň özi derwezä girizdi. 3-nji orunda barýan «Ştutgart» topary-da öz meýdançasynda «Maýnsy» 3–1 hasabynda ýeňdi.

### ÝENE-DE «REALDAN» ASGYN GELDI

● **Ispaniýanyň çempionatynda** tapgyryň iň esasy oýny Madridde oýnalyp, sanawyň lideri «Real» öz meýdançasynda 2-nji ýerdäki «Žironany» kabul etdi. Tutuşlygyna ýer eýeleriniň üstünliginde geçen oýunda «Real Madrid» Winisius Junioryň, Bellingamyň (2) hem-de Rodrigonyň gollary bilen 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň ahyrynda Hoselunyň ýerine ýetiren penaltisi sütünden yzyna gaýtdy. Şunlukda, çempionatda soňky sapar sentýabrda «Real Madridden» (3–0) utulan «Žirona» 15 oýundan soň ýeňlişe sezewar boldy. Soňky çempion «Barselona» toparyna öz meýdançasynda «Granadany» ýeňmek ýene-de başartmady. 1-nji aýlawda 2–2 tamamlanan duşuşygyň «Barselona» şäherindäkisinde 3–3 deňlik hasaba alyndy. Ýamal (2) hem-de Lewandowskiniň gollaryna, 2 gezek öňe saýlanan myhmanlar Sançes, Pellistri hem-de Mikel gollary bilen jogap berdi. «Sewilýanyň» «Atletikony» Romeronyň ýeke-täk goly bilen ýeňen tapgyrynda iň aşaky orunda barýan we henize çenli ýeňşi bolmadyk «Almeriýa» topary ýene-de ýeňiş gazanyp bilmedi.



Jud Bellingam

**Italiýanyň çempionatynda** tapgyryň 2 esasy duşuşygynda Milan şäheriniň wekilleri güýçli garşydaşlaryndan üstün çykdy. Sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Romany» rimlileriň 2–1 öňe saýlanandygyna garamazdan, 4–2 hasabynda utdy. «Interiň» gollarynyň 2-sini goragçylar — Açerbi bilen Bastoni, şol sanda «Romanyň» goragçysy Anhelinio öz derwezesinden hem-de hüjümçi Turam derwezä girizdi. «Milan» bolsa soňky çempion «Napolini» Teo Hernandesiň 25-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. 2-nji ýerdäki «Ýuwentus» topary öz meýdançasynda «Udinezeden» Janettiniň 25-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda asgyn gelip, bassyr 3-nji duşuşygynda ýeňiş gazanyp bilmedi. «Udineze» topary «Milandan» soň «Ýuwentusy» hem myhmançylykda ýeňmegi başardy.

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda «Lill» toparyny garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, Ramuş, Aleksandro (ö.d.) hem-de Kolo Muaniniň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňdi. Bu ýeňişden soň PSŽ 2-nji ýerdäki «Nissa» bilen utuk aratapawudyny 11-e çykardy. 2-nji ýerdäki «Nissa» topary öz meýdançasynda «Monakodan» 3–2 hasabynda utuldy. «Monakonyň» gollaryny Zakariýa (2) bilen Golowin geçirdi.

# SIŞENBE GÜNI MYHMANLAR, ÇARŞENBE GÜNI ÝER EÝELERI ÝEŇIŞ GAZANDY

*UEFA Çempionlar Ligasynda 2 aýlyk arakesme tamamlanyp, 1/8 finalyň duşuşyklaryna badalga berildi. Tapgyryň ilkinji 2 duşuşygynda, has takyggy, sişenbedäki oýunlarda myhmançylykdaky toparlar, çarşenbe güni geçirilen duşuşyklarda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy.*





Daniýanyň paýtagtyndaky «Parken» stadionynda oýnalan «Kopengagen» bilen soňky çempion «Mançester Sitiniň» arasyndaky duşuşykda iňlis kluby 3–1 hasabynda üstün çykdy. Garşydaşyny myhmançylykda ilkinji gezek ýeňen «Mançester Sitiniň» gollaryny 10-njy minutda Kewin De Bruýne we onuň paslaryndan soň 45+1-nji minutda Bernardo Silwa hem-de 90+2-nji minutda Fil Foden geçirdi. Ýer eýeleri «Kopengageniň» ýeke-täk goluny 34-nji minutda Magnus Mattsson öz adyna ýazdyrdy.



### YZLY-YZYNA 7 OÝUNDA 3 GOL GEÇIREN ILKINJI KLUB

● Şunlukda, 3-1 hasabynda ýeňiş gazanan «Mançester Siti» çärýek finala çykmak üçin uly mümkinçilige eýe boldy. «Mançester Siti» UEFA Çempionlar Ligasynda bassyr 9-njy duşuşygynda ýeňiş gazanan ilkinji iňlis kluby hökmünde bellige alyndy. Şol sanda «Mançester Siti» ýaryşyň taryhynda yzly-yzyna 7 duşuşykda 3 gol geçiren ilkinji topar boldy.

Duşuşykda 1 gol geçirip, 2 goluň pasyny beren De Bruýne oýnuň gahrymany diýlip saýlandy.

Germaniýada geçirilen «Leipsig» – «Real Madrid» duşuşygynda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. Duşuşykda ýer eýeleri erjel oýun görkezse-de, ýeňiş gazanan tarap «Real Madrid» boldy. Madridlilere ýeňiş getiren ýeke-täk goly 48-nji minutda Brahim Diaz owadan urgy bilen derwezä girizdi. Duşuşykda «Real Madridiň» ukrainaly derwezeçisi Andreý Lunin 9 gezek derwezesini goldan halas etdi. Ol bu ugurda topardaşy Tibo Kurtuanyň rekordyny gaýtalady.

Jogap duşuşyklary 6-njy martda geçiriler.

* * *

1/8 finalyň çarşenbe güni geçirilen duşuşyklarynda ýer eýeleri ýeňiş gazandy. UEFA-nyň ýaryşlarynda ilkinji gezek duşuşýan PSŽ bilen «Real Sosiedad» Parižde özara güýç synanyşdylar. Duşuşykda ýer eýeleri 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymynda hasap açylmadyk oýnuň gollaryny 58-nji minutda Kilian Mbappe hem-de 70-nji minutda Bredli Barkola derwezä girizdi.

Italiýanyň paýtagty Rimde ýerli «Lasio» bilen «Bawariýa» duşuşdy. Mundan öňki özara 2 duşuşykda hem utulan «Lasio» bu gezek güýçli garşydaşyny kynlyk bilenem bolsa ýeňmegi başardy. Duşuşygyň emini oýnuň 67-nji minutynda Apamekanonyň eden gödek hereketinden soň, fransiýaly futbolça gyzyl kart görkezdi hem-de 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Ony-da 69-njy minutda dürs uran Çiro Immobile toparyna ýeňiş getiren futbolçy boldy. Çempionatda-da «Baýerden» asgyn gelen «Bawariýa» 2019-njy ýyldan soň ilkinji gezek yzly-yzyna 2 oýunda utuldy. Münhenlilere 2015-nji ýyldan soň ilkinji gezek bassyr 2 duşuşykda gol geçirmek başartmady. Şeýle-de, bu tälimçi Tuheliň «Bawariýadaky» 10-njy ýeňlişi hökmünde hasaba alyndy (43 oýunda).

Jogap duşuşyklary 5-nji martda geçiriler.

### ITALÝAN WE ISPAN KLUBLARYNYŇ ÖZARA DUŞUŞYKLARY

Şeýle-de, 1/8 finalyň galan 4 duşuşygy geljek hepdäniň sişenbe we çarşenbe günlerinde, ýagny 20-nji we 21-nji fewralda oýnalar. 20-nji fewralda «Inter» bilen «Atletiko», PSW bilenem «Borussiýa Dortmund» toparlary duşuşarlar. «Inter» bilen «Atletiko» mundan öň diňe UEFA Super Kubogynda duşuşyp, ispan kluby 2010-njy ýyldaky şol duşuşykda 2-0 hasabynda ýeňipdi. Sişenbe günki oýun PSW bilen «Borussiýa Dortmundyň» arasyndaky özara 3-nji duşuşyk bolar. Mundan öňki 2 oýunda dortmundlylar 1 gezek ýeňip, beýleki duşuşyk deňlikde tamamlandy.

21-nji fewralda ýene bir italýan-ispan klublarynyň duşuşygy bolar. Dünýä futbolynyň ägirdi, merhum Diego Maradonanyň çykyş eden 2 klubunyň arasyndaky 1-nji duşuşyk Neapolda geçirilip, «Napoli» öz meýdançasynda «Barselonany» kabul eder. Iki topar mundan öň 4 gezek duşuşypdy we şolarda katalonlaryň 2 ýeňşi bar (2 deňlik). «Porto» bilen «Arsenal» hem özara 7-nji duşuşyklaryny Portugaliýada geçirerler. Mundan öňki 6 oýnuň 3-sinde «Arsenal», 2-sinde «Porto» ýeňiş gazanypdy.

**«KOPENGAGEN» — «MANÇESTER SITI»: 1–3** (Magnus Mattsson 34 — Kewin De Bruýne 10, Bernardo Silwa 45+1, Fil Foden 90+2)

**«LEIPSIG» — «REAL MADRID»: 0–1** (Brahim Diaz 48)

**«PARI SEN ŽERMEN» — REAL SOSIEDAD»: 2–0** (Kilian Mbappe 58, Bredli Barkola 70)

**«LASIO» — «BAWARIÝA»: 1–0** (Çiro Immobile 69 p)

# Ronaldo klublardaky 1000-nji duşuşygynda toparyna ýeňiş getirdi

AFK Çempionlar Ligasynda-da 1/8 finalyň duşuşyklaryna badalga berildi. Günbatar zolakda Saud Arabystanynyň klublarynyň özara duşuşygynda «Al Nassr» myhmançylykda «Al Fahýa» toparyny 1–0 hasabynda ýeňdi. Ýeke-täk goly 81-nji minutda Kristiano Ronaldo öz adyna ýazdyrdy. Bu onuň klublardaky 1000-nji duşuşygy bolup, ol 746-njy goluny derwezä girizdi (klublarda). Portugaliýaly super ýyldyz şol 1000 duşuşykda 236 gola asist hem etdi. Şeýle-de, bu gol Ronaldonyň penaltisiz geçiren 713-nji goly bolup, ol Messi bilen deňleşdi.



«Nasaf» (Özbegistan) bilen «Al Ainiň» (BAE) arasyndaky oýunda hasap açylmady.

Gündogar zolakda-da koreýleriň 2 klubunyň özara duşuşygynda «Çeonbuk Hýundai Motors» topary «Phohan Stilersden» Hernandes (17) hem-de An Hýeon-beomyň (64) gollary bilen 2–0 hasabynda üstün çykdy.

Hytaýyň «Şandon Taişan» topary öz meýdançasynda Ýaponiýanyň «Kawasaki Frontal» toparyndan 3–2 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda ýapon toparynyň gollaryny Erison (28 p), Marçinio (33) hem-de Ienaga (79), hytaýlylaryň gollaryny bolsa braziliýaly futbolçylar Fernandinio (67) bilen Žadson (85) derwezä girizdi. «Bangkok Ýunaýted» (Tailand) bilen «Ýokohama F. Marinos» (Ýaponiýa) klublarynyň duşuşygynda-da ýeňiş gazanan bolmady. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda ýer eýeleri soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy (Nitipong 35, Mahmud Eid 90+2 — Elber 18, Watanabe 24).



# Soňky 5 ýylda 3-nji çempionlyk

**ABŞ-nyň iň uly sport guramaçylyklarynyň biri hasaplanýan Amerikan futboly ligasynyň, NFL-iň çempionlyk oýny bolan «Super Bowl» duşuşygy geçirildi. Las Wegasdaky «Allegiant» stadionynda geçirilen 58-nji «Super Bowl» duşuşygynda «Kanzas Siti Çifs» topary bilen «San Fransisko 49ers» topary duşuşdy. Esasy wagty 19:19 deňlikde tamamlanan duşuşygyň ýeňijisi owertaýmda belli boldy. Owertaýmyň soňky sekuntlarynda, has takygy, duşuşygyň tamamlanmagyna 3 sekunt galanda «Kanzas Siti Çifs» toparynyň ýyldyzlaryndan Mekol Hardman toparyna ýeňiş getirmegi başardy. Netijede, 25:22 hasabynda ýeňiş gazanan «Kanzas Siti Çifs» topary bassyr 2-nji, soňky 5 ýylda-da 3-nji çempionlygyny baýram etdi. Bu olaryň 4-nji çempionlygy bolup, Missuri ştatynyň kluby mundan ozal 1969-njy, 2019-njy, 2022-nji ýyllarda «Super Bowl»-y gazanmagy başardy.**



**«Kanzas Siti Çifs» toparynyň oýun guraýjysy Patrik Mahomes karýerasy boýunça «Super Bowl»-uň iň gymmatly oýunçysy diýlip saýlandy.**

**Duşuşyga stadionda 61 müň 629 janköýer tomaşa etdi. Uly şou çäresi hökmünde geçirilýän «Super Bowl» duşuşygynyň arakesmesinde meşhur aýdymçy Aşer özüniň ilhalar aýdymlary bilen çykyş etdi.**

**ABŞ-da uly şowhun hasaplanýan 58-nji «Super Bowl» duşuşygyna ýurduň çäginde teleýaýlym hem-de internet arkaly 123,4 million adam tomaşa edip, bu görkeziji geçen ýyla garanyňda, 7 göterim köp diýmekdir. Şeýle-de, sosial media we beýleki platformalary-da hasaba alanyňda, duşuşyga tutuş ABŞ-da umumylykda 202 million 400 müň adam gyzyklanma bildiripdir.**

**Bu ýylky mahabatlaryň 30 sekundynyň bahasy 7 million dollar diýlip kesgitlenildi we birnäçe iri kompaniýalar özleriniň mahabatlaryny ýaýlyma berdi. Duşuşyk umumylykda tutuş dünýäde 150-den gowrak ýurtda göni ýaýlymda görkezildi.**



